# «Akar gaýmaklapdyr aýyň nurundan…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
«Akar gaýmaklapdyr aýyň nurundan…» «AKAR GAÝMAKLAPDYR AÝYŇ NURUNDAN…»



Akar gaýmaklapdyr aýyň nurundan,
Edil çogýan ýaly görnüşi bagyň.
Seni gözüm bilen görüp durun men
Aýyň şuglasyna çümen ykbalym.
Sygan göçi ýaly geçdi aý-ýyllar,

Kimleri çarhlady, kimi ýülmedi.
Goýazy meňzinden il-ulus ýylynan
Bu ykbalyň artdy gitdi hümmeti.

Çaga deý buşluklar toýa ýazdylar,
Gyzlar agraslandy, ýigit ýetişdi.
Gaýnag hyjuw bilen, gülgün näz bilen,
Leýlisaçyň saçy topugna düşdi.

Ýüregiň ýolunda, yşgynda ýaryň,
Dutarlaryň desseleri inçeldi,
Çeşme deý durlanyp, der döküp, aryp,
Her kimse ýol geçdi özüne çenli.

Bu mähir gyzgyndyr oduň gorundan,
Adym deýin mertebesin saklanym.
Seni gözüm bilen görüp durun men,
Aýyň şuglasyna çümen ykbalym.

Mämmetnazar BABANAZAROW. Goşgular